**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

*Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar*

№9 (59) 2023-nji ýylyň 31-nji marty

**21***-nji martda* türkmen halky Milli bahar baýramyny — Halkara Nowruz gününi ruhubelentlik bilen garşylady. Bu baýramçylyk mynasybetli Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabyndaky «Nowruz ýaýlasynda» medeni köpçülikleýin çäreler giňden ýaýbaňlandyryldy.

* * *

**22***-nji martda* Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň başlygy Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlaryna syn etmek boýunça GDA-nyň synçylar toparynyň ýolbaşçysy hökmünde Aşgabada gelen Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Baş sekretary Sergeý Lebedew bilen duşuşdy.

Toparyň düzümini Arkalaşygyň ýurtlarynyň parlamentarileri, görnükli jemgyýetçilik işgärleri, diplomatlar, GDA gatnaşyjy döwletleriň Parlamentara Assambleýasynyň, Belarus Respublikasynyň we Russiýanyň parlament ýygnagynyň wekilleri, GDA-nyň Ýerine ýetiriji komitetiniň işgärleri düzdi.

* * *

**23***-nji martda* hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy G.Mämmedowa Argentina Respublikasynyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Eduardo Antonio Zuaýndan ynanç hatyny kabul etdi.

Döwlet Baştutanymyzyň adyndan milli parlamentiň ýolbaşçysy diplomaty jogapkärli wezipä bellenilmegi bilen gutlap, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda, ilkinji nobatda, iri halkara guramalaryň ugry boýunça işjeň ösdürilýän dostlukly we geljegi uly döwletara gatnaşyklar ulgamynda üstünlikleri arzuw etdi.

* * *

**23***-nji martda* türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Baş sekretary Sergeý Lebedew bilen duşuşdy.

* * *

**24***-nji martda* hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Baş sekretary Sergeý Lebedew bilen duşuşdy.



*Syýasy teswir*

# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

* * *

**25***-nji martda* paýtagtymyzyň gözel künjeginde ýerleşýän Maslahat köşgünde türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalarynyň gatnaşmagynda bilelikdäki mejlis geçirildi. Mejlise Arkadag şäheriniň dolandyryş we beýleki edaralarynyň ýolbaşçylary hem gatnaşdylar. Mejlisiň dowamynda Arkadag şäheri bilen bagly meselelere seredildi.

* * *

**26***-njy martda* türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryna gatnaşdy.

Ýurdumyzyň ähli künjeginde döredilen saýlaw uçastoklaryna adamlaryň özleriniň konstitusion hukugyndan peýdalanmak — milli parlamentiň, ýerli häkimiýet edaralarynyň düzümlerine hödürlenen mynasyp dalaşgärlere ses bermek çäresine agzybirlikde gatnaşmaklary güneşli Diýarymyzda demokratik ýörelgeleriň uly rowaçlyklara beslenýändiginiň aýdyň beýanyna öwrüldi. Döwletimiziň durmuşyndaky möhüm jemgyýetçilik-syýasy waka taýýarlyk görmegiň çäklerinde geçirilen toplumlaýyn çäreler saýlawlary milli kanunçylyga hem-de halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda, demokratik esasda, ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmäge mümkinçilik berdi.

* * *

**26***-njy martda* hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryna gatnaşdy.

Geçirilen saýlawlar Türkmenistanda hakyky halk häkimiýetliliginiň guralynyň netijelidigini görkezdi. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň esasyny düzýän demokratik özgertmeleri üstünlikli amala aşyrmagyň ýolundaky möhüm ädim boldy. Ýurdumyzyň we jemgyýetimiziň durmuşynda aýratyn ähmiýete eýe bolan syýasy-jemgyýetçilik çärä milli synçylar bilen bir hatarda, halkara synçylaryň we bilermenleriň işjeň gatnaşmaklary bolsa onuň aýdyň beýanyna öwrüldi.

*«Ýaş diplomatyň sesi».*




## Her bir ses – parlak geljege ýol!

2023-nji ýylyň 26-njy martynda ýurt üçin ähmiýetli, halk üçin bähbitli wakalaryň biri – Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary geçirildi. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda ýerleşýän 1-nji «Garaşsyzlyk» saýlaw okrugynyň Berkararlyk etrabynyň 2-nji saýlaw uçastogynda hem bu möhüm syýasy çäre ýokary guramaçylyk derejesine eýe boldy.



Saýlawlara syn etmek üçin Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly iri halkara guramalarynyň halkara synçylar toparynyň wekilleri gatnaşdylar.

## Глобальный институт зеленого роста

23 марта 2023 года в Институте международных отношений МИД Туркменистана состоялся учебный курс для студентов по энергетической дипломатии, приуроченный Глобальному институту зеленого роста (GGGI). Развитие энергетической дипломатии нашей страны в рамках программы «зеленого роста», разработка и распространение которой одновременно ориентировано на экономические показатели и экологическую устойчивость, является одним важных направлений туркменской дипломатии.

## "Let's Speak Up" speaking club continues its work

On March 25, 2023, the fifth meeting of "Let's Speak Up" speaking club took place at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. The topic of the meeting was about "Hobbies". During the meeting, a video related to the topic was shown and discussed among the students. The members of club summarized the theme through various games and quizzes. At the end of the meeting members of the club exchanged their views.

*«Ýaş diplomatyň sesi».*

# ARAP DÜNÝÄSINDÄKI ÝAKYN HYZMATDAŞ

### DOSTLUK, YNANYŞMAK, NETIJELILIK

Türkmenistan bilen Kataryň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1996-njy ýylyň 22-nji noýabrynda ýola goýuldy. Häzirki wagtda ikitaraplaýyn düşünişmek we deňhukuklylyk ýörelgelerine eýerýän, ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlarda pugtalandyrylýan türkmen-katar gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykdy.

*«Halkymyzda: «Guşuň kuwwaty ganatlarynda» diýen jümle bar. Edil şonuň ýaly, ynsan hem öz dostlary bilen beýikdir. Daragtlar köki bilen çuňluklara aralaşsa, ynsan dostlary bilen uzak menzil aşýar. Türkmenistan bilen Katar Döwletiniň arasyndaky gatnaşyklar, özara ýakynlyk-ýürekdeşlik, birek-birege ynamlylyk türkmen hem-de katar halklarynyň dost-doganlygyny berkitmäge, hyzmatdaşlygyň geljekki çelgilerini kesgitlemäge ýol açýar. Munuň şeýledigine 2023-nji ýylyň 19-20-nji martynda hormatly Prezidentimiziň Katar Döwletine amala aşyran döwlet sapary bütin aýdyňlygy bilen şaýatlyk edýär.*

Katar Döwleti Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen, hususan-da, oňyn Bitaraplyk, öňüni alyş diplomatiýasy, durnukly ulag ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek hem-de sport ulgamy ýaly möhüm meseleler boýunça Kararnamalaryň awtordaşy hökmünde çykyş etdi. Türkmenistan we Katar Döwleti Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Goşulyşmazlyk Hereketiniň we beýleki abraýly halkara guramalarynyň çäklerinde hem işjeň hyzmatdaşlyk edýär.

Hormatly Prezidentimiziň Katar Döwletine amala aşyran ilkinji döwlet saparynyň çäklerinde Dohada Türkmenistanyň Katar Döwletindäki ilçihanasynyň açylmagy türkmen-katar gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de rowaçlanjakdygyny alamatlandyrýar. Ýakyn Gündogaryň bu ýurdunda Türkmenistanyň diplomatik wekilhanasyny açmak meselesi hormatly Prezidentimiziň 2022-nji ýylyň 3-nji dekabrynda Katara amala aşyran saparynyň çäginde Emir Şeýh Tamim bin Hamad Al Tani bilen geçiren duşuşygynyň barşynda ara alnyp maslahatlaşylypdy. Täze diplomatik wekilhananyň açylmagy ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmegine ýardam eder, netijeli we uzak möhletleýin hyzmatdaşlyga täze itergi berer. Ýeri gelende belläp geçsek, Aşgabatda Kataryň diplomatik wekilhanasy 2014-nji ýylyň dekabryndan bäri hereket edýär.

### YLYM OKAN ÝOL TANAR

Ylym-bilim ulgamyna iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlykda uly orun degişlidir. Kataryň ýolbaşçylary ylmy we bilimi syýasatyň strategiki ugry hasaplaýarlar. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň hem-de Kataryň Bilim, ylym we jemgyýetçilik ösüşi gaznasynyň derejesindäki gatnaşyklara uly orun berilýändigini bellemek gerek. Hormatly Prezidentimiziň dostlukly döwlete amala aşyran şu gezekki döwlet saparynyň çäklerinde Dohada ýerleşýän Kataryň Bilim, ylym we jemgyýetçilik ösüşi boýunça katar gaznasyna baryp görmegi bu babatdaky hyzmatdaşlygyň geriminiň geljekde has-da giňejekdigine şaýatlyk edýär.

Şu ýerde ýene-de bir buýsançly hakykaty ýatlamak gerek. Gahryman Arkadagymyzyň 2017-nji ýylyň 15-16-njy martynda Katar Döwletine amala aşyran döwlet saparynyň dowamynda gazanylan ylalaşyklaryň arasynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Katar Döwletiniň Daşary işler ministrliginiň Diplomatiýa institutynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnamanyň bardygyny hem aýratyn bellemelidiris. Ýeri gelende aýtsak, geçen ýyllarda Kataryň bu abraýly diplomatik instituty bilen türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň arasynda dürli maslahatlar geçirildi.



* * *

Beýik tutumlar anyk taslamalarda kemal tapýar. Döwletara gepleşikleriň netijesi bolsa gazanylan ylalaşyklarda, gol çekilen resminamalarda beýanyny tapýar. Şu babatda hormatly Prezidentimiziň Katar Döwletine amala aşyran döwlet sapary, ýokary derejede geçirilen Doha duşuşygy garaşylan netijäni berdi diýip, ynamly aýdyp bileris. Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň gyzyklanma bildirilýän ugurlary boýunça gol çekilen 7 sany resminama munuň şeýledigini doly lulygyna äşgär edýär. Bu bolsa gadymy dost-doganlyk däplerine, taryhy taýdan iki halky baglanyşdyrýan medeni we ruhy deslurlara, şeýle hem iki döwletiň doly möçberli hyzmatdaşlyga bolan ygrarlylygyna daýanýan türkmen-katar gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de berkidilmeginde we ösdürilmeginde täze netijeli ädime öwrülip, hyzmatdaşlygy barha işjeňleşdirmäge ýardam berer.

*Atamyrat ÝAZWELIÝEW,*
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.*

# BIR MAKSADY NAZARLAÝAN YKBALLARYŇ NOBATDAKY DUŞUŞYGY

Durmuşda ykbala täsir edýän, adamy öz arzuwlaryna tarap bir ädim ýakynlaşdyrýan pursatlar, seneler bolýar. «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip atlandyrylan ýylyň 28-nji marty hem birnäçe ýaş ildeşlerimiziň hakydasyna durmuşdaky şeýle aýratyn sene hökmünde möhürlendi. Şol gün Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hereket edýän Ýaş diplomatlaryň mekdebiniň 16 sany agzasy, hersi ýurdumyzyň dürli-dürli künjeklerinde ýaşaýan hem bolsalar, ýüreklerinde birmeňzeş arzuw göterýän, ömürlerini diplomatiýa baglamak isleýän 16 sany ykbal türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde bir ýere jem boldy. Olaryň arasynda bäsleşigiň geçen möwsümine hem gatnaşan, bu gezek bilini has bek guşap, pugta taýýarlyk bilen gelenler hem, entek ömründe birinji gezek şeýle tolgundyryjy pursatlary başdan geçirenler-de bar...

28-nji martda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Ýaş diplomatlaryň mekdebi tarapyndan guralýan «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň II möwsüminiň IV oýny geçirildi. «Dialog — parahatçylygyň kepili: gadymy eýýamyň diplomatik mirasynda parahatçylyk medeniýeti» atly umumy şygar astynda geçirilýän bu möwsümiň IV oýnunyň temasy «Gadymy Ariý we Hindistan siwilizasiýalary: diplomatiýanyň ruhy-ahlak binýatlary» diýlip atlandyryldy. Akyl-paýhas bäsleşiginiň II möwsüminiň IV oýnuna seçip alyş test synaglaryndan üstünlikli geçen mekdep okuwçylarynyň Aşgabat şäherinden 7 sanysy, Balkan welaýatyndan 2 sanysy, Daşoguz welaýatyndan 3 sanysy hem-de Mary welaýatyndan 4 sanysy gatnaşdy. Akyl-paýhas bäsleşigine eminlik eden «Pähimdarlar geňeşiniň» düzüminiň hindi topragynda birnäçe wagt ýaşan, dünýä medeniýetiniň iň gadymy ojaklarynyň biri bolan Hindistan bilen bagly baý düşünjä eýe bolan ynsanlardan ybarat bolmagy hem sowallara berilýän jogaplara adalatly baha berilmegini üpjün etdi. Giňişleýin aýtsak, akyl-paýhas bäsleşiginiň II möwsüminiň I saýlama tapgyrynyň IV oýnuna ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň jogapkär sekretary, Türkmenistanyň Gahrymany Çynar Rustemowa, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň Teatr we tomaşa edaralary bölüminiň başlygynyň orunbasary Baýramgeldi Çaryýew hem-de Magtymguly adyndaky TDU-nyň Türkmenistanyň taryhy kafedrasynyň mugallymy Toýly Hommyýew dagy adalatly eminlik etdiler. Bäsleşik hakda ýene bir aýratyn bellenilmeli zat onuň gatnaşyjylar üçin taryh, şu gün we geljek diýen düşünjeleri bir ýüpe düzüp bilenligidir. Çünki bäsleşige gatnaşan mekdep okuwçylary gadymy taryh hakdaky sowallara şu günki bilimleri bilen jogap berip, arzuw edýän geljeklerine tarap mümkingadar golaýlaşmaga jan etdiler...



Ruhubelentlige beslenip geçen bäsleşikde Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň 11-nji synp okuwçysy Taňryguly Geldimämmedow, Balkan welaýatynyň Balkanabat şäheriniň Jebel şäherçesindäki 8-nji orta mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy Weýselhajy Nureddinow, Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň Şatlyk şäherindäki takyk we tebigy ugurlardan ýöriteleşdirilen 43-nji orta mekdebiniň 10-njy synp okuwçysy Azat Amansähedow, Aşgabat şäherindäki 86-njy ýöriteleşdirilen orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Döwletmyrat Arazow dagy IV oýnuň ýeňijileri diýlip yglan edildiler. Olara hemaýatkärler tarapyndan gymmatbahaly sowgatlar hem-de institutyň adyndan Hormat hatlary gowşuryldy. Iň esasysy bolsa ýeňiji bolan mekdep okuwçylary ýarym final oýunlaryna gatnaşmaga hukuk gazandylar. Bu-da olaryň arzuwlarynyň bosagasyna gelendiklerini aňladýar. Öňde aýgytlaýjy 2 sany oýun bar. Şol aýgytlaýjy oýunlar olar üçin diplomat bolmak, türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň talyplygyna mynasypdyklaryny subut etmek üçin iň uly mümkinçilikdir. Goý, şol arzyly maksada ýetmekde parahatçylygyň ýaş çaparlarynyň ýollary ak bolsun!

*Mätgurban MÄTGURBANOW,*
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.*

*Hormatly Prezidentimiziň Katara döwlet saparynyň çäklerinde 7 sany ikitaraplaýyn resminama gol çekildi.*

*Türkmenistan bilen Kataryň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1996-njy ýylyň 22-nji noýabrynda ýola goýuldy.*

# «Berkarar döwlet istärin»

Magtymgulynyň ýaşan zamanasynda — XVIII asyrda türkmenleriň gün-güzerany çekipçydardan agyr ýagdaýdady. Ýurt ykdysady taýdan halys çöküpdi. Elhenç süteme sezewar edilen halk içinden hem daşyndan tozduryldy. Şeýle gözgyny ýagdaý kalbynda Watan buýsanjy bolan, aňly-düşünjeli adamlary çuňňur oýlanmaga, pikirlenmäge mejbur edýärdi. Döwrüň öňdebaryjy adamlary bu agyr ýagdaýdan diňe özbaşdak döwlet gurup, bir serdara, bir ýolbaşça uýlan ýagdaýynda halas bolup bilinjekdigine düşünipdirler. Şeýle garaýyşly adamlaryň biri-de Magtymguly Pyragynyň pederi Döwletmämmet Azadydyr.

Azady özüniň «Wagzy azat» eserinde döwlet gurmak meselesine degişli düýpli pikirleri öňe sürüpdir. Ol ähli işi halk köpçüligi bilen maslahatlaşyp çözýän parasatly, adalatly serdaryň bolmagyny isläpdir. Azady özüniň «Patyşasy bolmasa her ülkäniň, bolmaz imiş — haýry yhsany anyň» ýaly setirlerinde hem ýurduň rowaçlanmagy, halkyň parahat we erkin ýaşamagy üçin kämil, adalatly bir ýolbaşçynyň gerekdigini nygtapdyr. Çünki, halkyň şeýle gözgyny ýagdaýa düşmegine ýurduň içindäki agzalalygyň, bir agza bakmazlygyň, tire-taýpa dawalarynyň sebäp bolýandygyna ýagşy göz ýetiripdir.



Döwletmämmet Azada çenli özbaşdak, garaşsyz döwlet gurmak meselesi türkmen edebiýatynda şeýle aýdyň gozgalmandyr. Azady öz eserinde döwlet gurmagyň ähmiýeti, onuň parahat ýaşaýşy üpjün etmekdäki orny, ýurdy duşmanlardan gorap saklamakdaky hyzmaty dogrusynda örän täsirli pikirleri-ideýalary öňe sürüpdir. Ol özüniň erkinlik, azat, garaşsyz durmuş baradaky garaýyşlaryny, pikirlerini «Baş bolmasa, göwre läş» diýen halk pähimi esasynda öňe sürüpdir we ösdüripdir. Şonuň üçin hem ol bu pikirini şeýle jemleýär:

***Göwre läş bolgaý, eger baş bolmasa,***
***Bitmez iş, hak lutfy ýoldaş bolmasa.***

Döwletmämmet Azadynyň garaşsyz, azat, erkin döwlet baradaky ideýalary ogly Magtymgula örän güýçli täsir edipdir. Bu ideýalar Magtymgulynyň döredijiliginde örän düýpli mesele hökmünde orta atylýar. Türkmeniň beýik ogly Magtymguly öz pederi Azadydan tapawutlylykda, halka düşnükli dilde öz tire-taýpalaryna çagyryş bilen ýüzlenýär. Ol öz mähriban halkyny bir bitewi döwletiň daşyna jemlenmäge, bir supranyň başyna geçmäge çagyrdy. Çünki, ýurduň içinde hem daşynda halkyň agzalalykda ýaşamagyny isleýänler kändi. Bu barada Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow «Magtymguly — ynsan kalbynyň ruhy lukmany» atly makalasynda şeýle diýýär: «XVIII asyrda Magtymgulynyň öňe süren «türkmen taýpalary birleşmeli» diýen düýpli sosial pikiriniň amala aşmagy üçin uly päsgelçilik bardy. Bu asyrda türkmen taýpalarynyň her biri aýry-aýrylykda öz ýoluny agtarýardy, taýpalaryň arasynda agzalalyk güýçlüdi. Milli türkmen döwletiniň ýoklugy, bu taýpalaryň her ýerden pena agtaryp ýörmegi olaryň agzalalygyny artdyrýardy, olary biri-birinden daşlaşdyrýardy.

Türkmenleriň agzala bolmagyny isläp, bu ugurda ýörite maksatly hereket edýän güýçler hem az däldi. Ine, şu ýagdaýda akyldar Magtymguly halkyň iň uly duşmanynyň agzalalykdygyny, il bolup özara düşünişmegiň gerekdigini, ähli taýpalaryň birleşip, bir maksada, bir döwlete gulluk etmelidigini öwran-öwran nygtapdyr».

Türkmen taýpalarynyň birleşip, bir bitewi, merkezleşen döwlet gurmaklary baradaky çagyryş mazmunly ideýalary onuň «Türkmeniň», «Bäşimiz», «Türkmen binasy» goşgularynda öz beýanyny tapypdyr.

> Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy azat» eseri Magtymgulynyň aňynda özbaşdak, garaşsyz döwlet gurmak barada esaslandyrylan ulgam derejesindäki düşünjäni döredipdir, ornaşdyrypdyr.

Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy azat» eseri Magtymgulynyň aňynda özbaşdak, garaşsyz döwlet gurmak barada esaslandyrylan ulgam derejesindäki düşünjäni döredipdir, ornaşdyrypdyr. Emma Azadynyň bu eseriniň dili köne kitaby tärde bolany üçin sowatsyz halk köpçüligine düşnükli hem däldi. Şonuň üçin Magtymguly öz sesini, garaýyşlaryny, pikirlerini halka ýetirmek maksady bilen, öz goşgularyny köpçülige düşnükli türkmen dilinde ýazypdyr. Edebiýaty halkyň hyzmatyna uýgunlaşdyrmagy başarypdyr.

Şahyr öz garaýyşlaryny, ideýalaryny halka ýetirmek üçin türkmenleriň gadymdan bäri ulanyp gelýän goşuk (goşgy) formasyny saýlap alypdyr. Bu forma halk döredijiliginiň üsti bilen halkyň aňyna juda mäkäm ornaşypdyr. Magtymguly öz pikirlerini şu forma salmaklygy ussatlyk bilen başarypdyr.

Tanymal alym Rahman Rejebow «Edebiýat ylmyna degişli terminleriň sözlügi» diýen kitabynda goşuk formasy barada şeýle pikir aýdýar: «Goşgy türkmen halk sazyna jogap berip bilen (ýek-ýarym muhammesi hasap etmeseň) ýeke-täk formadyr». Dogrudan-da, alymyň aýdyşy ýaly, bu forma aýdym-saza örän ýakyndyr. Şahyryň «Magtymguly sözlerim saza goşsaň uz bolar» diýip aýdyşy ýaly, onuň goşgularynyň aglabasy bagşylar tarapyndan aýdym edilip aýdylýar. Ine, şu ýagdaý hem Magtymgulynyň goşgularynyň halkyň arasyna giňden ýaýramagyna sebäp bolan zatlaryň biridir.

Bu döwürde Magtymguly diňe bir halky agzybirlige, birleşmeklige çagyryş häsiýetli goşgulary ýazmak bilen çäklenmändir. Ol dürli temalarda goşgular ýazypdyr we dürli ugurlar boýunça halka elinden gelen hyzmatyny edipdir. Ideýalaryny durmuşa geçirmek üçin edýän hereketlerini döredijilik bilen utgaşdyrypdyr. Elbetde, özbaşdak, garaşsyz, erkin döwlet gurmak meselesinde ol ýekelikde hereket etmändir. Esasan, onuň maslahatçylary, geňeşdarlary atasy Döwletmämmet Azady, Durdy şahyr, agalary Abdylla, Mämmetsapa, dostlary Çowdurhan, Öwezgeldi batyr dagy bolupdyr.

Taryhdan belli bolşy ýaly, 1747-nji ýylda Nedir şa gije çadyrda ýatyrka öldürilýär. Şondan soň onuň golastynda bolan ýurtlarda erkin, özbaşdak döwlet gurmak barada garaýyşlar we hereketler güýçlenip başlaýar. Giň meýdany öz içine alan ýurtda häkimlik üstünde özara göreşler dowam edýär. Şolaryň içinde ilkinji bolup Owganystan özbaşdaklygyna eýe bolýar. Şonda kimi şa goýmaly diýen mesele ör boýuna galýar. Geçirilen saýlawyň netijesinde Nedir şanyň serkerdeleriniň biri bolan Ahmet Dürrany şa diýip yglan edilýär.

Şu uly syýasy wakadan soňra türkmen aksakallary, hanlary, serdarlary we sylag-hormatly, abraýly adamlary jemlenip, indi nähili hereket etmeli, nädip özbaşdak, erkin türkmen döwletini gurmaly diýen meseläniň çözgüdini tapmak üçin yzygiderli maslahatlary geçirip durýarlar. Aglabada, bir güýçli döwlet hemaýat bermese, iş bitirip bolmajakdygy barada aýdylýar.

Şeýle maslahatlara gatnaşyp ýören Magtymgulynyň kalbyny çet ýurtlary görmek üçin syýahata, saparlara gitmek höwesi gurşap alýar. Bu höwes, bu arzuw onuň birnäçe goşgusynda öz beýanyny tapypdyr:

***Köňül aýdar keşt edip,***
***Gezsem jahany görsem.***

***Köňlüm istär, gezsem dünýä — älemi,***
***Ganatym ýok uça bilmen, neýläýin!***

***Kysmat olmaz, gidem uzak ýollara,***
***Nesip goýmaz, gider ýolum baglar, heý!***

***Köňül ýola rowandyr,***
***Hindistana hyýalym.***

***Köňlüm istär, sapar kylsak Azadym.***

*(Dowamy bar).*

***Baba SARYÝEW,***
***TDIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy,***
***filologiýa ylymlarynyň kandidaty.***

# ULAG DIPLOMATIÝASY BOÝUNÇA HALKARA HYZMATDAŞLYK ÖSDÜRILÝÄR

Häzirki döwürde «Türkmenistanyň Prezidentiniň ulag diplomatiýasyny ösdürmegiň 2022 — 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň» çäklerinde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlarynyň biri «Ulag diplomatiýasy» boýunça okuw merkezinde fakultatiw okuw sapaklary geçirilýär. Merkeziň esasy wezipesi — Türkmenistanyň Prezidentiniň Halkara ekspeditorçylyk assosiasiýalarynyň federasiýasy (FIATA), Halkara howa ulaglary Assosiasiýasy (IATA), Raýat awiasiýasynyň Halkara guramasy (IKAO), Awtomobil ulaglarynyň halkara bileleşigi (IRU), Demir ýollarynyň hyzmatdaşlyk guramasy (ОСЖД), «Ýewropa — Kawkaz — Aziýa» Halkara ulag geçelgesi (TRACECA), Merkezi Aziýada sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk Maksatnamasy (CAREC), Halkara deňiz guramasy we




daşary syýasatynda ulag diplomatiýasy boýunça halkara hyzmatdaşlygyny alyp barmaga gönükdirilen başlangyçlaryny hem-de olaryň iş ýüzünde durmuşa geçirilişini çuňňur öwrenmek esasynda hünär öwreniş we hünär kämilleşdiriş maksatly okuwlary guramak bolup durýar. Häzirki döwürde okuw merkeziniň çäklerinde amala aşyrylýan ylmy-barlag işleri we geçirilýän ýöriteleşdirilen okuwlar bu möhüm wezipeleri çözmeklige gönükdirilýär. Bu işleriň netijesinde ýörite tassyklanan meýilnamalar esasynda okuw sapaklary guralýar, ylmy-seljeriş häsiýetli makalalar çap edilýär. Ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde merkeziň işi bilen baglanyşykly gepleşikler taýýarlanylýar. Tassyklanan meýilnamalara laýyklykda, ýerli we daşary ýurtly bilermenleriň gatnaşmagynda fakultatiw okuw sapaklary üstünlikli geçirilýär. Olaryň netijeleri boýunça merkeziň diňleýjileri tarapyndan nutuklar, prezentasiýalar taýýarlanylýar.

«Ulag diplomatiýasy» ugry boýunça okuw merkezinde Türkmenistanyň halkara ulag hyzmatdaşlygynyň dürli ugurlary boýunça beýleki iri halkara guramalary bilen hem özara bähbitli hyzmatdaşlygy amala aşyrmagynyň mümkinçilikleri talyp ýaşlara öwredilýär.

Institutyň bilim portalynda «Ulag diplomatiýasy» ugry boýunça ýörite elektron bölüm döredildi. Onda geçirilýän umumy we söhbet sapaklarynyň ýazgylary, ylmy makalalar, çykyşlar, prezentasiýalar, şeýle hem, ulag diplomatiýasy boýunça wideorolikler yzygiderli ýerleşdirilýär. Şeýle-de, fakultatiw okuw sapaklaryny üstünlikli tamamlan diňleýjilere Şahadatnamalar gowşurylýar.

Okuw merkeziniň öz öňünde duran wezipeleri doly möçberde ýerine ýetirmegi hünärli talyp ýaşlaryň syýasy diplomatik düşünjeleriniň artmagyna, diplomatik etikanyň kadalary boýunça dünýägaraýyşlarynyň giňelmegine ýardam berýär.

***Perhat ÇARYÝEW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy.***

# Günüňizi «Salamdan» başlaň!

*Bilşimiz ýaly, ýaz paslynyň ajaýyp günlerinde ýurdumyzyň Söwda-senagat edarasynyň sergiler zalynda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 15 ýyllygy mynasybetli sergi geçirildi. Häzirki döwürde telekeçilik başlangyçlaryny goldamak, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek ugrunda ähli zerur şertleri döretmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyzyň hususy pudagynyň ykdysadyýetimizde eýeleýän ornunyň barha berkidilýändigine bu sergä aýlanyp görenimizde hem aýdyň göz ýetirdik. Bilim alýan ugrumyz bilen berk baglanyşykly bolansoň, sergide esasy ünsümizi «Salam news», «Türkmenportal» ýaly habar portallaryna gönükdirdik.*
*Şeýlelikde biz «Salam news» portalynyň direktory **Wepa ÝAGŞYÝEWE** bu ugurda alyp barýan işleri barada özümizi gyzyklandyrýan sowallar bilen ýüzlendik.*




***Media ulgamy örän uly giňişlik. Halk köpçüligine peýdaly maglumatlary ýetirip, jemgyýetiň söýgüsini gazanmak elbetde, aňsat bolmasa gerek?! Siz bu ugurda saýtyň döredilen gününden başlap uly abraý gazanmagy başardyňyz. Şular dogrusynda gürrüň beräýseňiz.***

— «Salam news» habar portalymyz 2022-nji ýylyň mart aýynda esaslandyrylyp, şol döwürden bäri internet ulgamynda habarlary dürli görnüşde halk köpçüligine ýetirip gelýär. Biz sosial ulgamdaky sahypalarymyzy işjeň ýagdaýda saklaýarys. Bu bolsa dürli gyzyklanmalary bolan okyjylary has köp gurşap almaga mümkinçilik berýär.

***Häzirki wagtda ýurdumyzda birnäçe habar saýtlary örän işjeň ýagdaýda hereket edýärler. Siziň öz bäsdeşleriňizden aýratynlygyňyz nämede?***

— Bizde 80-den gowrak öz işine ökde hünärmenler yhlasly zähmet çekýärler. Halk köpçüligine hödürleýän habarlarymyzy iň ygtybarly çeşmelerden alyp, saýta ýerleşdirýäris. Saýtyň içki dizaýn işlerine uly ähmiýet berýäris, şeýle hem, diňe bir tekst görnüşinde habar bermek bilen çäklenmän, wideohabarlary yzygiderli okyjylarymyza hödürleýäris.

***«Salam» hojalyk jemgyýeti geljekde nähili taslamalary göz öňüne tutýar?***

— Saýta ýerleşdirilýän habarlaryň çalasynlygyny, janlylygyny artdyrmak häzirki wagtda hem hojalyk jemgyýetimiziň möhüm meselesi bolup durýar.

***Şu ugurda zähmet çekmek isleýän ýaşlara maslahatlaryňyz?!***

— Häzirki wagta islendik ugurda zähmet çekmäge giň mümkinçilikler bar. Şol döredilýän şertlerden ýerlikli peýdalanmak zerur. Ilkinji nobatda, öz hünärini kämil derejede ele almaly. Žurnalistikada döredijilik ukyplaryňy köptaraplaýyn ulanmagy başarmaly.




***Beren gürrüňleriňiz üçin köp sag boluň! Işiňizde üstünlik hemraňyz bolsun!***

— Sag boluň, size-de okuwlaryňyzda uly üstünlikleri arzuw edýärin!

***Söhbetdeş bolan:***
***Şirin HANMÄMMEDOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***

*27 марта Президент Сердар Бердымухамедов принял гендиректора «Российских железных дорог».* *ORIENT news*

*Ýeterlik yhlas edilmese her arzuwyň öz apaty, her maksadyň öňünde keserip duran çili hem, çilesi hem ýeterlik.* *Kerim aş-Şazili*

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

Baş redaktor
Aýnabat NAZAROWA

**Baş redaktoryň orunbasarlary:** M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
**Jogapkär kätip:** B.Garaýew.
**Jogapkär kätibiň orunbasary:** A.Kaşaňow.
**Kätip:** A.Nobatowa.
**Bölüm müdiri:** J.Öwezowa.
**Edebi işgärler:** A.Ýazweliýew, A.Atajykowa.
**Fotohabarçy:** T.Myratlyýew.
**Korrektorlar:** A.Hudaýbergenowa, A.Döwletowa.

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, W.Kadyrow, R.Bäşimow, B.Saryýew, T.Gutlyýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, T.Döwletowa, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda hem-de iirmfa.nesil.edu.tm sanly bilim portalynda ýerleşdirilýär.
**Email:** yashdiplomathgi@gmail.com